# Ýa Muhammet Mustapa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýa Muhammet Mustapa… • **ÝA MUHAMMET MUSTAPA**

Eý, sypatyndan tekellim her til üzre müñ sena,
Patyşahy-enbiýa sen, täji-furkany-öwlüýä.
Din anyñ dini erür, gümrahlarga rehnema,
Barçanyñ umydy senden tañla ol dar el-kaza,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Hak tagala päkiñni ýaratmyşdyr hesip,
Magsyýet derdige derman kylgujy hazyk tebip,
Çünki Mazag mähri birle bolgaý (ki) nesip,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Ýa Resyly-alemin, ýa seýýidi-Haýrulbeşer,
Kim seniñ şanyña nazyl boldy ol şakk el-kamar,
Kim saña inkär eder kasdan-emdan kad küfür,
Bul garyp binowalar halyga kylgyl nazar,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Hazreti Abu Bekir Syddyk erdi ýary owal-y,
Omary-Hattap adyl muhtesebler afzaly,
Bäd ez an Osman Zunnureýn, andan soñ Aly,
Eý be haky-hormaty-ol tört ýary kimseli,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Eý şehinşahy-nobowwet magdany-judy-kerem,
Enbiýa-ýu öwlüýäler barçasyndan muhterem,
Dini-aini-şerifiñ barça äleme ylym,
Häki-paýyń totyýaýy – dideýi-lowhy-kalam,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Ýa Muhammet Mustapa, siz barçaga puşt-u penah,
Nefsi-näperman goluda kylmyşam daýym günäh,
Iltifatyñ bolmasa dañla bolur halym harap,

Kaýda bargaý men, meniñ-şermendeýi-namy-syýah,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Senden artyk mähribanym ýok meniñ, biçäre men,
Egesiz itler kibi nefsim üçin awara men.
Hiç (bir) bilmes men ki, men älem era ne käre men,
Ýa Beniulla, terahhum eýle, wejhi-gara men,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Ýedi gat gerdun zeminiñ boldy magraj agşamyñ,
Kaby-kowseýin adadnaga ýetdi mukaddemiñ,
Jebraýyly-Alla idi ol gije ýary-hemdemiñ,
Häki-nalyñ ziýaýy-çeşm arşy-agzamyñ,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

Magtymy biçäre bolmuşdyr günäh birle esir,
Ystyganet kyl aña, ýa Seýýidi-hatmy-resul,
Binowalarnyñ dogasyny huda kylgaý kabul,
Maksudy-mejmug-ymmat bolgusy sizden husul,
Asy ymmatga şepagat, ýa Muhammet Mustapa.

- **MUHAMMET MUSTAPA**

Owwal çyragy-ziýa bolgan Muhammet-Mustapa,
Barçaga puşt-u pena bolgan Muhammet-Mustapa,
Göwheti-gyýmatbaha bolgan Muhammet-Mustapa,
Ymmatyga rehnema bolgan Muhammet-Mustapa,
Daýyma sahyp yza bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Ymmatym diýdi: "Tenimden gitdi külli kuwwatym,
Sen rowa kylgyn, ylahy ymmatymga şefgatym,
Çün pida bolsun heme ymmatga kylgan tagatym,
Zikir boldy çün dilimge gaýguýy-külli ymmatym",
Derdi-ymmatyga dowa bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

"Ymmatymyñ ýoluga bolsun meniñ janym pida,
Ruhy-päkimge heme ymmaty kylgyn aşina,

Ymmatymny eýlegin, ýa Reb, çü azady-jeza,
Nury-päkiñge heme ymmatny kylgaý sen rowa".
Derdi-ymmatyga şipa bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

"Çün giderde bendelerni öwlüýä kylsyn, huda,
Küll ymmatny günäden bigünä kylgyn, huda,
Nury-imanga hemeni aşina kylgyn, huda,
Ymmatymny heşt jennet içre ja kylgyn, huda".
Gol açyp, sahyp doga bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Men doga kyldym bu ymmat hakyga, kylgyl kabul,
Hiç ymmaty saba magşar era kylma melul,
Külli ymmatlarny jennet era kylgyl dohul,
Külli ymmat hakyga tynmaý doga kylgyl, resul;
Ymmat üçin desti-wa bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Özüden kylgyl heme ymmatlarmy bährewer,
Ymmat üçin daýyma gözleriden ýaşy akar,
Ymmatymny kylmagaý sen kim, giriftary-sakar,
Ymmatymny ýene hoşnud eýlegil wagty-safar,
Ymmat diýp alemden pena bolgan Muhammet Mustapa
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Çün giderde ymmatym destige bergin kimýa,
Ol Azazyl mekriden ymmatny sen kylgyl jyda,
Ruzy-magşarda heme ymmatga men-men pişwa,
Gol açyp, ýyglap, doga eýlär ili ol Mustapa,
Ymmatyga rehnema bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Gaýguýy-ymmatydan erür bagrymyzda gan,
Çün sapar üstüde sen ymmatlarmny kyl aman,
Sen keremden bagyşlagaý külli ymmatga iman,
Bes meniñ ymmatymnyñ sowabyny eýle geran,
Rehberi-ruzy-jeza bolgan Muhammet Mustapa,

Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Ymmatymny ruzy-magşar kylmagaý sen sernegun,
Külli ymmat hakyga dynmaý doga kyldym, resul,
Külli ymmatlarga asan eylegin ruzy-zebun,
Derdi-gamga mübtela bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Eý hudawend-a, kerem kyl şehir Jebraýyl haky,
Çün mukarrab bargäh bolgan çü Mikaýyl haky,
Men doga kyldym Wezaýyl, Ysrafyl haky,
Ýetdi tyg astyga ja bolgan Ysmagyl haky,
Käni-syr birle heýýe bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Ymmatymny ruzy-magşar kylmagaý sen şermisar,
Külli ymmatlary sen kylgyn saba azady-nar,
Çün terahhum eýlegin ymmatga, eý Perwerdigär,
Nury-rahmetni heme ymmatga kylgyn, birubar,
Bendäge nurdan ata bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Eý be haky-nury-Isa rahmet etgin bendäni,
Ýolda galgan ähli-usýan asy-şu şermendäni,
Men doga kyldym jemyg betfehalu gendäni,
Jenneg içre jaý kylgyn ruzy-magşar bendäni,
Daýyma käni-seha bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Eý be haky-çün jemyg enbiýanyñ hormaty,
Kuhy – Tur üstüde raz aýtgan Musanyñ hormaty,
Puh bilen ol dem Halyl ba safanyñ hormaty,
Erräni başyga goýgan Zekeriýanyñ hormaty,
Ymmatymga mähriban olgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Renji-mähnet görgen emma Eýýubu enna kany,
Murdalarny zinde kylgan hazreti-Isa kany,
Kuhy-Tur üstüde raz aýtgan oşol Musa kany,

Gaýgusy ymmatga galgan ol resul ulla kany,
Bes dürri-gyýmat baha bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

"Ymmatym!" diýp Mustapa eýlär idi ah-u pygan,
Bes mübärek bagryny ymmatlar üçin kyldy gan,
Ymmatym diýdi teniden çykdy ahyr baz jan,
Bolma gapyl, ymmata bolgaý nesip jennet mekan,
Akybet ýer üzre ja bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Derdi-bidermanga uçran men, özüñ bolgun tebip,
Nury-rahmetden heme müminge kylgaý sen nesip,
Bolma gapyl merkden, elbetde ol saña karyb,
Sen terahhym eýlegin ymmatga ferda, eý habyp,
Nury-hakdan kimiýa bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Nik bolsañ wakty-çün rahtyña kimiýa boldy merk,
Kim ýaman bolsa, any ahyrda ryswa kyldy merk,
Nije şehbazlarny ýer astyda, bil ja kyldy merk,
Wa-hasrat-a, Mustapa ömrüni kuta kyldy merk,
Ruzy-magşar rehnema bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Göwheti-gyýmatbahany rusyýah ymmatga ber,
Rahmetiñki, eý Hudaý-a, pürgünäh ymmatga ber,
Heşt jennetni giriftarnema ymmatga ber,
Saýaýy-arşy hudany pürgünäh ymmatga ber,
Asy ymmatga dowa bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa"
Heft dowzahny oşol gün ymmatymdan eýle dur,
Külli ymmatlarny etgil ruzy-magşar garky-nur,
Bende bolsañ, daýyma dünýäde bolgul bi gurur,
Külli ymmatlarny etgil ataşy-yşkyña pur,
Bendwýi-hassy-huda bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Çün säherler oýganyp ymmatyga kyldy doga,
Ymmatymny garby kylgyl, ylahi, pury-ziýa,
Ruhy Ebu Bekir, Omar, Osman, Alyýy-Murtaza
Eý behaky-ruhy-päki ol Hüseýin-Kerbela,
Derdi gamga aşina bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

"Ymmatym!" diýp her säherler tartar erdi ah, wah,
Ymmatymny rahmet etgeý sen oşol ruzy-jeza,
Hasta ymmatlarny derdige özüñ bergin dowa,
Rahmet etgeý külli ymmatny kyýamatda pena,
Bendelerge bibaha bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Eý behaky-ruhy-päkiden hemmäni rahmet et,
Hastaýy-gamy-dideýi-ymmatny ähli jennet et,
Ýa Muhammet, külli ymmatlarga ferda şefkat et,
Ýagşylar birle dowam ymmatny sen hemsöhbet et,
Ruhy çün suýy-sema bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Çünki Ýahýa dek çünan sen ýyglaýyl şam-u säher,
Magsyýetni, eý Hudaý-a, sen tenimden kyl be der,
Ýyglady Ahmet heme ymmat üçin huny-jiger,
Ymmatymny ruzy-magşar kylgyl azady-Sakar,
Çün zemin üstüge şa bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Bende, her şam-u säher goýgul, hudany ýat kyl,
Sen giriban para kylgyl nalaýy-perýat kyl,
Eý Hudaý-a, hastaýy-gamgyn köñülni şat kyl,
Ol kyýamat şiddetiden sen bendäni azat kyl,
Häki-paýy totuýa bolgan, Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

Çün howaýy-nebisge bolma mysaly ermeni,
Sen tekebbir kylmagyl aslyñ erür aby-meni,
Diýdi Ahmet: "Ymmatymny eýlegil nurdan, gany!"

Ýoklagaý magşar günüde Mustapa, Magtym seni,
Ruzy-magşar pişwa bolgan Muhammet Mustapa,
Ymmatym diýdi: "Eda bolgan Muhammet Mustapa".

## • SAÇDY MUHAMMET

Owwal deslap baryp Haýbar dagynda,
Kapyrlar ganyny saçdy Muhammet.
Leklaherde, Sekwan, Käbil şährinde,
Jepa çekip dini açdy Muhammet.

Aşyklar baş olup, yşka münende,
Tura nazar düşüp, daglar ýananda,
Byrag gökden gelip, ýere inende,
Refref münüp, arş uçdy Muhammet.

Mikaýyl, Ysrafyl, Ezraýyl bile,
Geldiler, durdular Jebraýyl bile,
Seýr etdi Selsebil, Zenjebil bile,
Köwser arygyndan içdi Muhammet.

Magrajyñ gijesi seýre baranda,
Ýa Jebraýyl emin bile ýörende,
Behişt gapysynda gelip duranda,
"Bismilla!" diýp, işik açdy Muhammet.

Magtymguly, özge dini bozdular,
Yklym-yklym, şäher-şäher gezdiler,
Jepa çekip, yslam dinin düzdüler,
Altmyş üç ýaşynda geçdi Muhammet.

## • GÖRGEÇ, RESUL

Düşdi bir hoşluk jahana nusratyñ görgeç, resul,
Sernegun boldy senemler lemgatyñ görgeç, resul,
Külli älem boldy ykrar sünnetiñ görgeç, resul,
Rahy-zulmat boldy röwşen aýatyñ görgeç, resul,
Tapdy dowzahdan aman, söhbetiñ görgeç, resul.

Sen ki geldiñ dünýäýe, butlar boldy sernegun,

Artdy yslam şöhraty, kapyrlar oldy hem zebun,
Hem Ebubekir, Omar, Osman çü bolgaç rehnemun,
Boldy kapyr zit (garşy) saña ismi mukruñ mümünin,
Iki dünýä boldy hoşnut rahmetiñ görgeç, resul.

Hormat ile hak salam bergen Safyulla kimin,
Älemi gark eýlegen Nuhy-Nebiulla kimin,
Gökde günge ýar olan Isa-Beruhulla kimin,
Nije müñ pygamber ol Musa-Kelimylla kimin,
Galdylar haýratda löwläk, hylgatyñ görgeç, resul.

Ol şebi-magraj habar ýetgeç saña magşukdan,
Arş-u perş olmuş tejelli çün münüñ dek şowkdan,
Bu mukarraplar besi babähredirler bu zowkdan,
Hem besaty-gurp üze bardyñ, oturdyñ fowkdan,
Gaýdy diş barmakda munlar gurbatyñ görgeç, resul.

Döwri-sabukda ötenler, ýa, jemalyñ çün işin,
Gerdişi şanyna galan mugtakydlardan ýagyn,
Guldugynda gün hyjalat içre galmyş hem zemin,
Hem pelek üzre melekler diýdiler: "Sed aperin!"
Bu makam agla bile hümmetiñ görgeç, resul.

Ýa, habyb-a, yşkyñ ile tende janym suz ede,
Gün ýüzün hak döndere bir aýry meýl ruz ede,
Erte magşar älem ähline ýüz ýigrimi guz ede,
Istese naru sakar ymmatlaryñ mähuz ede,
Dep ola naru jähennem haýbatyñ görgeç, resul.

Hamdyña tiller gururdyr arşu-pereşler aglady,
Bidahanu-bizyban otlar, agaçlar aglady,
Eşki-abyn joşduryp, bu dagy-daşlar aglady,
Ýedi gün Käbe daşynda gurt-guşlar aglady,
Aýdyýar Magtymguly, bu pyrkatyñ görgeç, resul.

- **ÝA RESUL**

Bu meniñ janym seniñ ýoluñda gurban, ýa resul,
Her ne kim kylsañ jepa bu jana derman, ýa resul,

Söýübän, bar eýlemişdir seni rahman, ýa resul,
Gullugyňda intizardyr uşbu jahan, ýa resul.

Ol azap ennarydan bolmuş seniň ýoluň ýyrag,
Özüňni kylmyş huda ferdöwsi-agla hem Byrag,
Sen ki geldiň dünýäýe, bu äleme ýandy çyrag,
Şükürylla, tä beýany boldy jahan, ýa resul.

Dert ile bu ýüregim her lahza ah kyldy niçe,
Ahymyň dermany owwal Abdylla, Weýsel hoja,
Her zaman mahy-jemalyň düýşüme girmez gije,
Galar ol bu munça kim janymda arman, ýa resul.

Zary ýyglaýuban hem isteýedir men seni,
Bu zelillik içre sen köp goýmagyl hara meni,
Hem ýene mizan çekilip, ola magşaryň güni,
Köp ynanjym sen durar sen, uly diwan, ýa resul.

Aşyga hüw!-hüw! diýip bolgusy magryfet güli,
Bu zelil biçäräniň, belki, saňa ýeter eli,
Ahu-efganyň seniň kim, ýat edip Magtymguly,
Gam içinde şeýle bir bimaru haýran, ýa resul.

## • ÝA RESUL

Hak seni serwer ýaratdy, patyşahym ýa resul,
Enbiýa ser defteri, nury ylahym ýa resul,
Zulmaty tutdy jahany (bu) düýdi-ahym, ýa resul,
Baş goýup ýatsam gapyňda, kyblagähim ýa resul,
Sen geçirgil nalaýu, perýadu ahym, ýa resul.

Barçadan agla ýaratdy asly nury-päkni,
Kaddyga kyldy mynasyp hylgaty-döwläkni,
Ol mübärek gollarynda hem asaýu meswakny,
Ymmatym diýgeý sen a:my, asyýu bibäkni,
Sen geçirgil nalaýu, perýadu ahym, ýa resul.

Diýdiler: "Soltany-älem adyňa asdyk bola",
Mugjyzaňny birisi gösetgeli ol şak bile,

Arş üstüne çykyp raz aýdyşar sen hak bile,
Aý, bulutdan kim yşarat eýlediñ barmak bile,
Künbedi-hafranga çykmyşlar güwähim, ýa resul.

Wazzyhadyr ýüzleriñ her vwrwkeýi mahu leýl,
"Süreýi-ykra" saña mužde getirdi Jebraýyl,
Ol Hatyja tapmaýyn imana geltirdi meýl,
Fahry-älem sen-seni özge nebiler bir zeýl,
Hatm edip arwahyña kyldym dogahym, ýa resul.

"Ýa resulylla!" diýip, andan gider boldy Byrak,
Leýletil magraj gijesi Tañry ýetirdi gyrak,
Ýedi asman işigin açdy melaýyk bi sorag,
Tört ton geldi saña ýaşyl, gyzyl hem sary, ak,
Birisin söýüp aldyñ, şol boldy razyñ, ýa resul.

Ýat eder Magtymguly döwranda men gallaçny,
Şefkatyñdan nä umyt etme meni-mähtäçni,
Hyzmatyñda seýr ederler Leýletil magrajny,
Ol huda söwen üçin goýdy başyña täçni,
Hatm edip arwahyña kyldym dogahym, ýa resul. Goşgular